# Türkmenistanyň ilçihanasynyň gatnaşmagynda Tbiliside Nowruz baýramçylygy

20-nji martda Türkmenistanyň Gruziýadaky ilçihanasy Tbiliside bahar baýramy bolan Nowruzyň bellenilmegi mynasybetli geçirilen baýramçylyk çäresine gatnaşdy.

Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň, Eýranyň, Gazagystanyň we Türkiýäniň ilçihanalary özleriniň milli tagamlary, süýjülikleri hem-de halk senetçilik önümlerini hödürlediler.




Türkmen pawiliony hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň kitaplary, nesip elde dokalan halylar, suratlar, milli egin-eşikler, şaý-sepler we sowgatlyklar bilen bezeldi.Baýramçylyk çäresine gatnaşyjylary Tbilisi şäher häkiminiň orunbasary K.Guledani, Tbilisi şäher geňeşiniň başlygy G.Tkemaladze, şeýle-de ilçiler gutladylar.

Все права защищены